MAKUL HABAR

atawatanhabar@gmail.com ATAVATAN TÜRKMENISTAN OKTÝABR AÝYNYŇ 18-i, 2025. №40

# BMG-DE “AWAZA SYÝASY JARNAMASY” ATLY KARARNAMA KABUL EDILDI



Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa milli kanunçylygy döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda hereket edýän kanunlary Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we döwrüň talaplaryna laýyklykda kämilleşdirmek maksady bilen, Administratiw hukuk bozulmalary hakynda, Jenaýat, Arbitraž iş ýörediş, Jenaýat iş ýörediş, Jenaýat-ýerine ýetiriş, Maşgala, Ilaty durmuş taýdan goramak kodekslerine we başga-da birnäçe kanunlara degişli üýtgetmelerdir goşmaçalary girizmek boýunça işler geçirilýär.

### MILLI MANADYMYZA BAGYŞLANAN FORUM

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow milli manadyň dolanyşyga girizilmeginiň 32 ýyllygy mynasybetli ylmy-amaly maslahaty geçirmäge görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, 1-nji noýabrda guraljak foruma ýurdumyzyň ykdysadyýet, maliýe-bank toplumynyň ministrliklerinden, pudaklaýyn dolandyryş we karz edaralaryndan, ýokary we ýörite orta okuw mekdeplerinden wekilleriň 250-siniň gatnaşmagyna garaşylýar. Maslahatyň dowamynda hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek babatda başlangyçlaryny we bank ulgamynda amala aşyrýan özgertmelerini, milli manadyň sazlaşykly dolandyrylmagy bilen gazanylýan ykdysady üstünlikleri beýan etmek göz öňünde tutulýar. Şeýle hem pul-karz syýasaty, bank ulgamynda sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak esasynda döwrebap bank hyzmatlaryny ýola goýmak, elektron töleg ulgamyny kämilleşdirmek, halkara maliýe guramalary bilen alnyp barylýan işjeň hyzmatdaşlyk bilen bagly meseleleri ara alyp maslahatlaşmak meýilleşdirilýär.

### NEBITGAZ FORUMYNA ULY GYZYKLANMA

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow “Türkmenistanyň nebiti we gazy – 2025” atly XXX halkara maslahaty we sergini geçirmäge görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda sergä gatnaşmak üçin isleg bildiren daşary ýurt kompaniýalarynyň 70-den gowragy, ýerli kärhanalaryň hem-de hususy telekeçileriň 30-a golaýy, şeýle-de ýurdumyzyň degişli ministrlikleri we pudaklaýyn dolandyryş edaralary sergi diwarlyklary bilen gatnaşmak üçin hasaba alyndy. Utgaşykly görnüşde geçiriljek maslahata gatnaşmaga jemi 1 müň 390-a golaý wekil isleg bildirdi. Maslahatyň çäklerinde “Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda global energiýanyň geljegini şekillendirmek – innowasiýa, energetika geçişi we strategik hyzmatdaşlyk”, “Türkmen tebigy gazynyň artýan orny: eksport ugurlarynyň giňeldilmegi we energetika geçişine itergi bermek” atly plenar mejlisleri, möhüm ähmiýetli meseleler boýunça mowzuklaýyn mejlisleri geçirmek meýilleşdirilýär.

> *Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.*

### GERMANIÝADA TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADYÝET GÜNLERI GEÇIRILER

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Atagulyýew Germaniýanyň Frankfurt şäherinde Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň günlerini geçirmek boýunça görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, forumda ýurdumyzyň nebitgaz we himiýa senagaty pudaklarynda maýa goýum taslamalary, häzirki zaman oba hojalyk tehnologiýalary, dokma senagatyndaky innowasiýalar, saglygy goraýyş we derman senagaty ulgamynyň ösüşi, şol sanda Arkadag şäheriniň lukmançylyk klasteri bilen tanyşdyrmak göz öňünde tutulýar. Forumyň çäklerinde ikitaraplaýyn duşuşyklaryň guralmagy, işewürlik hyzmatdaşlygyna degişli resminamalara gol çekilmegi meýilleşdirilýär. Häzirki wagtda bu foruma gatnaşmak üçin Germaniýanyň dürli ugurlarda iş alyp barýan edara-guramalarynyň, kompaniýalarynyň 50-den gowragy hasaba alyndy.

Wise-premýer Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň günlerini ýokary derejede geçirmek maksady bilen, oňa ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň pudaklarynyň, bank edaralarynyň, “Arkadag Medisina Klasteri Menejment” kärhanasynyň, Söwda-senagat edarasynyň ýolbaşçylarynyň, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalarynyň gatnaşmaklarynyň göz öňünde tutulýandygyny aýdyp, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklipleri hödürledi.

### ÝOKARY HÜNÄR BILIMI ÖSDÜRILER

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa “Türkmenistanda ýokary hünär bilimini ösdürmegiň 2026 – 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasynyň” hem-de ony tassyklamak hakynda Kararyň taslamalary barada hasabat berdi.

Nygtalyşy ýaly, Gahryman Arkadagymyzyň 2024-nji ýylyň 24-nji sentýabrynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde beren tabşyrygy esasynda şu Strategiýanyň hem-de ony amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň 2026 – 2030-njy ýyllar üçin meýilnamasynyň taslamalary işlenip taýýarlanyldy. Strategiýada, hususan-da, ýokary hünär bilimi ulgamynyň dolandyrylyşyny halkara kadalara we milli tejribelere laýyklykda kämilleşdirmek, demografik görkezijilere, zähmet bazarynyň ösüşine, ykdysadyýetiň meýilnamalaşdyrylyşyna görä meýilleşdirmegiň we dolandyrmagyň kämil gurallaryny ornaşdyrmak, okatmagyň öňdebaryjy usullary, sanly tehnologiýalar, emeli aň arkaly bäsdeşlige ukyply ýokary hünär biliminiň milli gurşawyny döretmek göz öňünde tutulýar. Şeýle hem döwlet we halkara akkreditasiýa amallarynyň hasabyna bilim işini düýpli kämilleşdirmek, professor-mugallymlaryň, işgärleriň we ýolbaşçylaryň hünär derejesini yzygiderli ýokarlandyrmak, ylmyň, bilimiň, önümçiligiň, täjirçiligiň özara baglanyşygynyň kämil gurallaryny döretmek, ýokary okuw mekdepleriniň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, ýokary okuw mekdeplerini dünýäniň öňdeligini düzýän halkara sanawlara girizmek meýilleşdirilýär.

### BMG-DE “AWAZA SYÝASY JARNAMASY” ATLY KARARNAMA KABUL EDILDI

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredowa söz berildi.

Bellenilişi ýaly, hormatly Prezidentimiziň we Gahryman Arkadagymyzyň ýakyndan goldaw bermeginde şu ýylyň awgustynda “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty üstünlikli geçirildi. Halkara foruma gatnaşmak maksady bilen, 104 döwletden, halkara guramalaryň 46-syndan wekilleriň ýurdumyza sapar bilen geldi. Maslahatyň çäklerinde plenar mejlisleriň 6-sy, ýokary derejeli “tegelek stol” duşuşyklarynyň 5-si, ýokary derejedäki forumlaryň 7-si, ugurdaş çäreleriň 40-a golaýy geçirildi. Olaryň dowamynda deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleri ösdürmek bilen bagly meseleleriň giň toplumyna seredildi. Hususan-da, ylym, bilim, innowasiýalar, halkara söwdany ösdürmek, durnukly infrastrukturany döretmek, howanyň üýtgemegine garşy göreşmek, Durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmek baradaky meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Forumyň işi dünýäniň köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde giňden beýan edildi. Maslahatyň netijeleri boýunça Awaza syýasy Jarnamasy kabul edildi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer, daşary işler ministri bu halkara forumyň syýasy taýdan wajyplygy we onuň netijeleriniň tutuş dünýä üçin uly ähmiýeti göz öňünde tutulyp, 14-nji oktýabrda ABŞ-nyň Nýu-Ýork şäherinde BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň 18-nji plenar mejlisinde “Awaza syýasy Jarnamasy” atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilendigi baradaky hoş habary aýtdy. Ol pursatdan peýdalanyp, hormatly Prezidentimizi hem-de Gahryman Arkadagymyzy bu şanly waka bilen tüýs ýürekden gutlady.

Hormatly Prezidentimiz Bitarap Watanymyzyň ählumumy parahatçylygy gorap saklamak, özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmek ugrunda edýän tagallalarynyň bütin dünýäde giň goldaw tapýandygyny, BMG-den gelip gowşan hoş habaryň hem muny aýdyň görkezýändigini belledi. Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere seredildi we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.




## Arkadag şäherine täze halkara sylag gowşuryldy

**Arkadag şäherine Ýewraziýa Patent Guramasynyň W.I.Blinnikow adyndaky altyn medalynyň gowşurylmagy Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň aýdyň nyşany bolan bu şäheriň innowasion ösüş babatda gazananlarynyň nobatdaky ykrarnamasy boldy.** ●3

## “TRT Awaz” teleýaýlymynyň taýýarlan filmleri görkezildi




**Paýtagtymyz Aşgabadyň adybir “Aşgabat” kinoteatrynda Türkmenistan bilen Türkiýe Respublikasynyň arasyndaky medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen möhüm waka bolup geçdi. Türkiýäniň döwlet teleradiokompaniýasynyň (TRT) Türkmenistandaky wekilhanasynyň guramagynda “TRT Awaz” teleýaýlymy tarapyndan taýýarlanan gysga metražly filmleriň görkeziliş dabarasy geçirildi.** ●4



## Marat Husnulin: Arkadag şäheri dünýä derejesindäki taslamadyr

**Gurluşyk ösüşi pudagynda möhüm öňegidişlik gazanan Türkmenistanyň bu ugurda uly geljegi bar. Arkadag we Aşgabat şäherlerinde gurlan desgalaryň hil-de, möçberi-de hakyky hormata mynasypdyr. Bu barada Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-rus toparynyň mejlisinden soň Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň Başlygynyň orunbasary we Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara toparynyň ýolbaşçysy Marat Husnulin žurnalistlere gürrüň berdi.** ●5



# HORMATLY PREZIDENTIMIZ MINERAL DÖKÜNLERI ÖNDÜRÝÄN TOPLUMYŇ DÜÝBÜNI TUTMAK DABARASYNA GATNAŞDY

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenabat şäherindäki S.A.Nyýazow adyndaky himiýa zawodynda mineral dökünleri öndürýän toplumyň düýbüni tutmak dabarasyna gatnaşdy.

Himiýa senagatynyň ösüşi Türkmenistanyň durmuşa geçirýän oňyn maýa goýum syýasaty bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. “Daewoo” (Koreýa Respublikasy), “Mitsubishi” (Ýaponiýa) ýaly öňdebaryjy kompaniýalar bilen hyzmatdaşlyk ýokary tehnologiýaly we ekologik taýdan arassa önümçilik proseslerini ornaşdyrmaga ýardam berýär. Ýokary tehnologiýaly önümçilikleriň ösüşi degişli hünärmenler bilen üpjünçiligi talap edýär. Türkmenabat şäherindäki “Türkmenhimiýa” döwlet konserniniň tehniki orta hünär okuw mekdebi, şeýle hem ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleri döwrebap önümçilikleri dolandyrmaga ukyply hünärmenleri taýýarlaýar.

Döwlet Baştutanymyz Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherindäki S.A.Nyýazow adyndaky himiýa zawodynda mineral dökünleri öndürýän toplumyň düýbüni tutmak dabarasyna gatnaşyjylary bu şatlykly waka bilen tüýs ýürekden gutlap, himiýa senagatynyň ykdysadyýetimiziň möhüm pudaklarynyň biri bolup durýandygyny belledi.

Toplumda ýylda 350 müň tonna superfosfat we 100 müň tonna ammoniý sulfaty öndüriler. Ol ulanmaga berlenden soň, ýurdumyzyň himiýa senagatynyň kuwwatyny ep-esli artdyrmaga müm-kinçilik berer. Döwrebap himiýa kärhanasynyň işe girizilmegi bilen, goşmaça iş orunlary dörediler. Onda zähmet çekjek hünärmenleriň köpüsi daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinde taýýarlan-yp, olaryň işlemegi üçin ähli zerur şertler üpjün ediler.

Ýurdumyzyň himiýa senagatynda täze önümçilikleri döretmek boýunça netijeli işler alnyp barylýar, ýagny Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy etrabynda karbamid öndürýän toplumy, Ahaldaky gazdan benzin öndürýän zawodyň ikinji tapgyryny, Mary welaýatynyň Mary etrabynyň çäginde mineral dö-künleri öndürýän zawody gurmak meýilleşdirilýär diýip, hormatly Prezidentimiz sözüni dowam etdi we şeýle iri taslamalaryň amala aşyrylmagynyň himiýa senagatyny ösdürmäge uly üns berilýändigine şaýatlyk edýändigini nygtady.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň beýleki welaýatlary bilen bir hatarda, Lebap welaýatyny hem durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge möhüm ähmiýet berilýändigini, bu ýerde kuwwatly senagat kärhanalarynyň, medeni-durmuş maksatly binalaryň we desgalaryň yzygiderli gurlup ulanmaga berilýändigini aýtdy.

Döwlet Baştutanymyz Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherindäki himiýa zawodynda mineral dökünleri öndürýän toplumyň düýbüniň tutulmagy bilen dabara gatnaşyjylaryň ählisini ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlap, hemmelere berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.





# Türkmenistan Eýranda eksport harytlarynyň sergisini geçirer

Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda Eýran Yslam Respublikasynyň Demirgazyk Horasan welaýatynyň işewür wekiliýeti bilen duşuşyk geçirildi. Duşuşykda işewür hyzmatdaşlygy has-da ýygjamlaşdyrmak babatda anyk teklipler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Demirgazyk Horasan welaýatynyň işewür wekiliýeti 2025-nji ýylyň maýynda Eýran Yslam Respublikasynyň Gürgen şäherinde Türkmenistanda öndürilen harytlaryň sergisiniň ýokary derejede geçirilendigini bellediler. Şeýle hem myhmanlar Bojnurd şäherinde sergi geçirmek üçin ähli mümkinçilikleriň döredilendigini, Türkmenistanda öndürilen harytlaryň sergisini geçirmek üçin Bojnurd şäheriniň geografik ýerleşişiniň hem logistika tarapdan amatly boljakdygyny nygtadylar.



Duşuşykda eksport, import amallary, online, offline görnüşdäki iş meýdançalary döretmek we önüm öndürijileriň maglumatlaryny ýerleşdirmek baradaky tekliplere hem garaldy.

Taraplar iki ýurduň söwda-yksady işewür hyzmatdaşlygynyň geljekde hem sazlaşykly ösdüriljekdigine ynam bildirip, bu ugurda alnyp barylýan ähmiýetli işlerde üstünlikleri arzuw etdiler.

# Türkmen wekiliýeti «EKSPO-2025» Bütindünýä sergisiniň ýapylyş dabarasyna gatnaşdy

**Ýaponiýanyň Osaka şäherinde «EKSPO-2025» Bütindünýä sergisiniň ýapylyş dabarasy geçirildi. Agzalan çärä Ýaponiýanyň Imperatorynyň maşgalasynyň agzalary, Ýaponiýanyň Hökümetiniň, «EKSPO-2025» Bütindünýä sergi assosiasiýasynyň, Osaka perfekturasynyň ýerli häkimiýetiniň wekilleri hem-de dürli ýurtlardan birnäçe ýokary derejeli myhmanlar, dünýä ýurtlarynyň milli pawilýonlarynyň wekilleri we Ýaponiýada akkreditirlenen diplomatik wekilhanalaryň ýolbaşçylary gatnaşdylar.**

**Çäräni Ýaponiýanyň «EKSPO-2025» Bütindünýä sergi assosiasiýasynyň baş sekretary H.Işige açmak bilen, Osakada geçirilen «EKSPO-2025» Bütindünýä sergisiniň öz işini üstünlikli tamamlaýandygyny belläp, bu bütindünýä sergisini geçirmekde ýakyndan gatnaşan dünýä ýurtlarynyň milli pawilýonlarynyň ählisine çuňňur minnetdarlygyny bildirdi.**

**Soňra bolsa çärede Ýaponiýanyň döwlet baýdagy galdyrylyp, döwlet senasy ýaňlandyryldy. Çärede çykyş eden Ýaponiýanyň «EKSPO-2025» Bütindünýä sergisi boýunça ministri I.Ýositaka, «EKSPO-2025» Bütindünýä sergi assosiasiýasynyň başlygy T.Masakadzu we Osaka perfekturasynyň häkimi H.Ýosimura «EKSPO-2025» Bütindünýä sergisiniň Osaka şäherini jahankeşdeleriň tanymal merkanyna öwürendigini beýan etdiler. Şeýle-de dabarada onuň Alyhezreti, mirasdüşer şazada Akişino we Ýaponiýanyň Premýer ministri S.Işiba çykyş etdiler. Çäre ýylyň dowamynda bu serginiň çäklerinde geçiri-**




**len dabaralar we gyzykly pursatlar barada birnäçe wideoşekilli rolikler görkezildi. Mundan başgda, dabarada medeniýet işgärleriniň çykyşlaryna giň orun berildi. Ýapylyş dabarasynyň jemlerinde EKSPO Bütindünýä sergisiniň baýdagy düşürilip, ol «EKSPO-2030» Er-Riýad Bütindünýä sergisini geçirmäge hukuk gazanan Saud Arabystan Patyşalygynyň wekiliýetine hormat bilen gowşuryldy.**

# Baku şaýolunda Türkmenistanyň milli tagamlary hödürlendi



Türkmenistanyň Medeniýet günleriniň çäklerinde Azerbaýjanyň paýtagty Baku şäheriniň Primorskiý (Deňiz boýy) şaýolunda ýurduň milli pawilýonynyň açylyş dabarasy geçirildi.

Azerbaýjanyň habarlar gullugynyň habaryna görä, çärä Azerbeýjan we Türkmenistanyň medeniýet ministrleriniň orunbasarlary, diplomatik korpusyň wekilleri, Milli Mejlisiň deputatlary we beýleki myhmanlar gatnaşdylar.

Çäräniň gatnaşyjylary pawilýony gezip gördüler, Türkmenistanyň milli naharlaryndan datdyp gördüler we türkmen halkynyň baý aşpezçilik däpleri bilen tanyşdylar.

Soňra iki ýurduň sungat ussatlarynyň çykyşlaryny öz içine alýan konsert maksatnamasy görkezildi. Türkmenistanyň Medeniýet günleri 15-nji oktýabra çenli dowam etdi.



# TÜRKMENISTAN BILEN “DAEWOO” KOMPANIÝASY “ÝAŞYL” METANOLY ÖNDÜRMEK BOÝUNÇA HYZMATDAŞLYK EDER

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen «Daewoo Engineering & Construction Co., Ltd.» koreý kompaniýasynyň müdiriýetiniň başlygy Jong Won-ju bilen duşuşdy.

Nygtalyşy ýaly, häzirki wagtda ähli ugurlar boýunça ösdürilýän koreý-türkmen gatnaşyklary hil taýdan täze derejä çykýar. Koreý kompaniýalary Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllaryndan bäri iri türkmen bazarynda, hususanda, nebitgaz toplumynda, himiýa senagatynda netijeli işleri alyp barýarlar. Işewür häzirki wagtda Türkmenistanyň himiýa senagatynyň innowasion ösüşiň aýdyň mysaly bolup durýandygyny aýdyp, ýolbaşçylyk edýän kompaniýasynyň bu işe goşant goşmaga taýýardygyny tassyklady.

Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, Türkmenistan bilen Koreýa Respublikasynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk uzak möhletleýin strategik häsiýete eýe bolup, özara hormat goýmaga we ynanyşmaga esaslanýar. Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanda ykdysady ösüş maksatnamalarynyň, senagat özgertmeleriniň amala aşyrylýandygyna ünsi çekip, şunda ekologiýa ugurly “ýaşyl” taslamalara möhüm ähmiýet berilýändigini nygtady. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy häzirki wagtda gowaça çöpünden “ýaşyl” metanoly öndürmegiň mümkinçilikleriniň öwrenilýändigini aýtdy. Türkmenistanda ösdürilip ýetişdirilýän gowaça ekologik taýdan arassalygy we bu önümçilige ýaramlylygy bilen tapawutlanýar.



Hormatly Arkadagymyz Türkmenistanda işewürlik üçin amatly şertleriň döredilýändigini göz öňünde tutup, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy täze ugurlarda ösdürmek babatda mümkinçilikleriň bardygyny belledi. Şunda «Türkmenhimiýa» döwlet konserni bilen «Daewoo» kompaniýasynyň arasynda netijeli hyzmatdaşlyk ýola goýuldy. Türkmen halkynyň Milli Lideri ýurdumyzda täze gurulýan desgalaryň gurluşygynda ekologik kadalaryň berjaý edilmegine, ylmyň we tehnikanyň soňky gazananlarynyň ornaşdyrylmagyna, taslamalaryň ýokary hilli, öz wagtynda ýerine ýetirilmegine aýratyn ähmiýet berilýändigini belledi.

Işewür Türkmenistanda netijeli işlemäge döredilýän amatly şertler üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, ýolbaşçylyk edýän kompaniýasynyň öz üstüne alan şertnamalaýyn borçnamalaryny üstünlikli ýerine ýetirmäge mundan beýläk-de jogapkärçilikli çemeleşjekdigine ynandyrdy.

## Arkadag şäherine täze halkara sylag gowşuryldy

Arkadag şäherine Ýewraziýa Patent Guramasynyň W.I.Blinnikow adyndaky altyn medalynyň gowşurylmagy Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň aýdyň nyşany bolan bu şäheriň innowasion ösüş babatda gazananlarynyň nobatdaky ykrarnamasy boldy. Bu waka mynasybetli guralan dabara gatnaşmak üçin Aşgabatda geçirilen Ýewraziýa Patent Guramasynyň




Dolandyryjy geňeşiniň 47-nji mejlisine gatnaşyjylar ýurdumyzyň «akylly» şäherine geldiler.

Dabara gatnaşyjylar Arkadag şäheriniň häkimligine gelip, binanyň eýwanynda guralan sergini synladylar. Ol Arkadag şäheriniň ýaşaýyş-durmuş ulgamyna ornaşdyrylan sanly we innowasion tehnologiýalar barada giň düşünje almaga mümkinçilik berýär.

Dabara gatnaşyjylaryň çykyşlarynda Arkadag şäherine halkara derejeli täze sylagyň gowşurylmagynyň onuň haýran galdyryjy üstünlikleriniň nobatdaky ykrarnamasy bolup durýandygy nygtaldy. Bu ajaýyp waka mynasybetli Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň adyna, “akylly” şäheriň ähli ýaşaýjylaryna tüýs ýürekden gutlag sözleri beýan edildi.

Dabarada çykyş eden Ýewraziýa patent edarasynyň ýolbaşçysy G.Iwliýew Türkmenistanda “akylly” şäher konsepsiýasy esasynda amala aşyrylan we häzirki wagtda-da ikinji tapgyrynyň gurluşygy güýçli depginde dowam edýän bu giň gerimli taslamanyň dünýäde nusgalykdygyny belledi. Arkadag şäheriniň häzire çenli abraýly halkara baýraklaryň, güwänamalardyr şahadatnamalaryň onlarçasyna mynasyp bolmagyda bu hakykaty aýdyň görkezýär.

Soňra dabaranyň esasy pursady gelip ýetdi: Ýewraziýa patent edarasynyň ýolbaşçysy G.Iwliýew Arkadag şäherine Ýewraziýa Patent Guramasynyň W.I.Blinnikow adyndaky altyn medalyny dabaraly ýagdaýda gowşurdy. Medaly Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy D.Orazow kabul etdi.

Bu altyn medal Ýewraziýa Patent Guramasynyň esaslandyryjysy hem-de onuň birinji prezidenti bolan Wiktor Iwanowiç Blinnikowyň hormatyna döredilip, ol oýlap tapyjylyk we patent işine goşan goşandy üçin berilýär. Arkadag şäherine bu altyn medalyň gowşurylmagy şähergurluşyk ulgamynda Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan özgertmeleriň häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilmeginiň aýdyň netijesidir.

## Tramp bilen Putin Wengriýada duşuşarlar

**ABŞ-nyň we Russiýanyň prezidentleri Donald Tramp bilen Wladimir Putin telefon arkaly söhbetdeşligi boldy. Olaryň söhbetdeşligi iki sagatdan gowrak dowam etdi.**

**Ak Tamyň ýolbaşçysy bu söhbetdeşligiň netijeli bolandygyny aýtdy.**

**– Prezident Putin meni we ABŞ-nyň halkyny Ýakyn Gündogarda parahatçylygyň ýola goýulmagy ýaly beýik üstünlik bilen gutlady. Ol muny asyrlardan bäri arzuw edip gelen zadymyz diýip atlandyrdy. Men ýürekden ynanýaryn, Ýakyn Gündogardaky üstünliklerimiz Russiýa bilen Ukrainanyň arasyndaky gepleşikleri öňe sürmäge kömek eder – diýip, Tramp “Truth Social” jemgyýetçilik sahypasynda beýan etdi. Mundan başga-da, ABŞ-nyň lideriniň bellemegine görä, söhbetdeşlikde Russiýa bilen ABŞ-nyň arasyndaky söwda gatnaşyklary barada hem giňden gürrüň edildi.**

**– Söhbetdeşligiň ahyrynda biz geljek hepde ýokary derejeli geňeşçilerimiziň duşuşygyny geçirmek barada ylalaşdyk – diýip, Tramp aýtdy. Ilkinji duşuşyklary ABŞ tarapyndan döwlet sekretary Marko Rubio hem-de ady soňra yglan ediljek birnäçe wekil geçirer. Duşuşygyň ýeri soň kesgitlener.**

**Şeýle hem Tramp 17-nji oktýabrda Ukrainanyň Prezidenti Wladimir Zelenskiý bilen Ak Tamda duşuşjakdygyny, ol ýerde Putin bilen geçirilen söhbetdeşligi hem-de beýleki möhüm meseleleri ara alyp maslahatlaşjaklaryny habar berdi. Belläp geçsek, awgust aýynda Tramp bilen Putin ABŞ-nyň Alaşka ştatynyň Ankoriž şäherindäki “Elmenorf-Riçardson” harby bazasynda duşuşypdy.**

## «Daragt» atly türkmen kinosy Täjigistandaky halkara kinofestiwalyna gatnaşýar

Türkmen režissýory Sahysalyh Baýramowyň «Daragt» atly filmi Täjigistan Respublikasynyň paýtagty Duşenbe şäherinde geçirilýän kinofestiwalynyň bäsleşik maksatnamasyna girizildi. “Toji somon” 2-nji halkara kinofestiwaly 15-nji



oktýabrda badalga aldy we 20-nji oktýabra çenli dowam eder. 2 ýylda bir gezek geçirilýän bu kinofestiwal dünýäniň 20 döwletinden režissýorlary, aktýorlary, filmleriň edebi esasyny ýazyjylary, kino tankytçylaryny we kino sungatyna hormat goýýanlary bir ýere jemledi. Ýewropadan, Aziýadan we Ýakyn Gündogardan gelen myhmanlar onda öz işlerini görkezýärler.

Bu festiwalyň bäsleşik maksatnamasyna hödürlenen 900-den gowrak çeper filmiň arasyndan 16 film saýlanyp alnypdyrlar. Şolaryň hatarynda Türkmen režissýory Sahysalyh Baýramowyň «Daragt» atly filmi hem bar.

Festiwalyň emin agzalarynyň dünýäniň köp sanly ýurdundan, hususan-da, Russiýadan, Özbegistandan, Gazagystandan, Gyrgyzystandan we beýleki döwletlerden bolup, olar bäsleşige hödürlenen filmlere baha bererler.

Sahysalyh Baýramowyň «Daragt» atly filmi “Nowruz” kinoteatrynda sungat jemgyýetçiligine ýetirildi.



Şeýle hem Maksat Gylyjowyň surata düşüren “Kompozitor” atly çeper filmi bäsleşikden daşary bu festiwala gatnaşyp, täjik hem-de daşary ýurtly kino muşdaklaryna görkezildi.

Mundan ozal «Daragt» atly türkmen filmi dünýäniň köp sanly ýurdundaky halkara festiwallara gatnaşypdy we birnäçe baýraklara mynasyp bolupdy.

# ÖZBEGISTANYŇ 14 farmasewtika kärhanasy Türkmenistanda öz önümlerini görkezdi






**Aşgabatda Türkmenistanyň saglygy goraýyş işgärleriniň gününe bagyşlanyp geçirilen halkara sergä Özbegistanyň saglygy goraýyş edaralary gatnaşdy. Bu barada özbek metbugaty habar berýär.**

**Sergide Özbegistandan, Türkmenistandan, Russiýadan, Germaniýadan, ABŞ-dan, Türkiýeden, Hytaýdan we beýleki ýurtlardan gelen 180-den gowrak kompaniýa öz önümlerini görkezdi.**

**Özbegistanyň Saglygy goraýyş ministrliginiň garamagyndaky Farmasewtika senagatyny ösdürmek agentliginiň howandarlygynda ýurduň 14 farmasewtika kärhanasy sergä işjeň gatnaşdy. “Made in Uzbekistan” brendi astynda halkara standartlaryna laýyk dermanlar, lukmançylyk enjamlary, çagalar iýmiti we beýleki önümler hödürlendi.**

**Sergä gelen Türkmenistanyň hökümet agzalary, lukmançylyk we farmasewtika ulgamynyň ýolbaşçylary Özbegistanyň diwarlygynda görkezilen önümleriň dürlüligini, hilini we döwrebaplygyny ýokary baha berdiler.**

**Serginiň çäklerinde geçirilen duşuşyklaryň we gepleşikleriň netijesinde özbek kärhanalary tarapyndan Türkmenistana lukmançylyk we farmasewtika önümlerini eksport etmek boýunça birnäçe şertnama baglaşyldy.**

# ÖZBEGISTANDA 4 tapgyrda täze howa menzili gurlar





**Özbegistanda täze halkara Daşkent howa menziliniň gurluşygyna badalga berildi. 1300 gektar meýdanda guruljak taslama 4 tapgyrdan ybarat bolar. Ilkinji tapgyrda bahasy 2,5 milliard dollarlyk howa menzili toplumy we howa meýdany gurular. Taslamanyň hyzmatdaşlary Saud Arabystanyndan, Ýaponiýadan we Günorta Koreýadan bolan kompaniýalar bolar.**

**Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew halkara howa menziliniň düýbüniň tutulmagyna bagyşlanan dabarada gatnaşdy. Habarda bellenilişine görä, soňky 8 ýylda Daşkente uçar bilen barýan ýolagçylaryň sany üç esse artdy we ýylda 9 million adama ýetdi, 2040-njy ýyla çenli bolsa bu san 24 milliondan geçer diýlip çak edilýär.**

**Häzirki wagtda şäher çäginde ýerleşýän we ýylda 11 million ýolagçyny kabul etmek üçin niýetlenen howa menzilini giňeltmek mümkinçiligi ýok. Şonuň üçin 1300 gektar meýdanda ýerleşjek täze halkara howa menzilini Urtaçyrçyk we Kuýiçyrçyk etraplarynyň çäginde gurmak kararyna gelindi.**

**Taslama döwlet-özara hyzmatdaşlyk (PPP) görnüşinde amala aşyrylar. Hususy hyzmatdaşlar hökmünde Saud Arabystanynyň “Vision Invest” kompaniýasy, Ýaponiýanyň “Sojitz” kompaniýasy (taslama onlarça milliard ýen maýa goýjak), şeýle hem Koreýa Respublikasynyň “Incheon International Airport Corporation” kompaniýasy çykyş eder. Taslama 4 tapgyrda durmuşa geçiriler. Birinji tapgyrda bahasy 2,5 milliard dollarlyk terminal toplumy we uçuş zolagy meýdany gurular.**

**Gurluşyk tamamlanandan soň, täze howa menzili ýylda 20 million ýolagça we 129 müň tonna ýük daşamaga, sagatda 30 uçuş we gonuş amala aşyrmaga, bir wagtyň özünde 62 uçary ýerleşdirmäge mümkinçilik berer. “Duty free” zolagy 46 müň inedördül metr meýdany tutar. Ekologiýa durnuklylygyna aýratyn üns berilýär: täze howa menzili doly gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerinden üpjün ediler we ýurtda 100% “ýaşyl” energiýa bilen işleýän ilkinji howa menzili bolar.**

# Türkmenistanyň wekiliýeti “Zenanlaryň bütindünýä sammiti –2025” gatnaşdy

Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň başlygy Oguljennet Berdiliýewanyň ýolbaşçylygyndaky türkmen wekiliýeti Pekinde geçirilen gatnaşdy. «Zenanlaryň bütindünýä sammiti – 2025» atly halkara foruma gatnaşdy.

Sammitiň «Umumy geljek: zenanlaryň hemmetaraplaýyn ösüşiniň täze we tizleşdirilen tapgyry» diýen mowzugy astynda geçirilen mejlisinde çykyş eden O.Berdiliýewa, Türkmenistanda zenanlaryň hukuklaryny üpjün etmegiň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýandygyny nygtady. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýolbaşçylygynda bilim, saglygy goraýyş, ylym, ykdysadyýet we döwlet dolandyryşy ýaly ulgamlarda zenanlar üçin deň mümkinçilikleri döretmek ugrunda toplumlaýyn işler alnyp barylýar.

Türkmenistanyň Zenanlar birleşigi, iri jemgyýetçilik guramalarynyň biri hökmünde, jemgyýetde zenanlaryň ornuny ýokarlandyrmak, gender deňligini öňe sürmek we maşgalanyň institutyny berkitmek boýunça milli maksatnamalaryň ýerine ýetirilmegine işjeň gatnaşýar.

Öz çykyşynda O.Berdiliýewa




türkmen zenan telekeçilerine berilýän goldaw, oba ýerlerinde durmuşa geçirilýän taslamalar, ýaş hünärmen zenanlara bilim we hünär taýdan ösüşde kömek bermek, şeýle hem halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek boýunça alnyp barylýan işler barada hem belläp geçdi. Türkmenistanda zenanlaryň täze – ynamly, bilimli, watançy we dünýä açyk ruhda terbiýelenmegine aýratyn üns berilýär.

Türkmenistanyň BMG we onuň ýöriteleşdirilen edaralary bilen hyzmatdaşlykda 2030-njy ýyla çenli Durnukly ösüş ugrundaky Gün tertibiniň, hususan-da, 5-nji maksadynyň – gender deňligini üpjün etmegiň ýerine ýetirilmegine işjeň gatnaşýandygyny hem nygtaldy.

Şu ýyl Pekinde geçirilen Zenanlaryň ýagdaýy boýunça IV Bütindünýä maslahatynyň 30 ýyllygy bellenilýär. Şol maslahata dünýäniň dürli künjeginden müňlerçe zenan gatnaşyp, Pekin Jarnamasyny we Hereketleriň Platformasyny kabul edipdiler. Bu resminama dünýäniň ähli ýerindäki zenanlaryň meselelerini ýüze çykarmak we olaryň çözgüt ýoluny görkezmek bilen, ýurtlaryň köpüsinde, şol sanda Türkmenistanda hem zenanlaryň ýagdaýyny gowulandyrmaga gönükdirilen özgertmeleriň güýçli itergisi bolup hyzmat etdi.

# “TRT AWAZ” teleýaýlymynyň taýýarlan filmleri görkezildi

Paýtagtymyz Aşgabadyň adybir “Aşgabat” kinoteatrynda Türkmenistan bilen Türkiýe Respublikasynyň arasyndaky medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen möhüm waka bolup geçdi. Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygy hem-de hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli Türkiýäniň döwlet teleradiokompaniýasynyň (TRT) Türkmenistandaky wekilhanasynyň guramagynda “TRT Awaz” teleýaýlymy tarapyndan taýýarlanan “Türkmen akyldary Magtymguly” hem-de “Geljegiň şäheri Arkadag” atly gysga metražly filmleriň görkeziliş dabarasy geçirildi. Oňa “Atawatan Media” topary hem gatnaşdy.








Bu möhüm çärä Türkiýe Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Ahmet Demirok, Türkiýäniň döwlet teleradiokompaniýasynyň “TRT Awaz” teleýaýlymynyň utgaşdyryjysy Ýüjel Kylyçkaýa, Azerbaýjanyň, Gazagystanyň, Özbegistanyň ilçileri, Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň orunbasary Annasähet Kakaýew, şeýle hem medeniýet we sungat işgärleri hem-de talyplar gatnaşdy.

Dabaranyň başynda Türkiýäniň döwlet teleradiokompaniýasynyň türki döwletleriň arasyndaky medeni-ynsanperwer gatnaşyklary pugtalandyrmak maksady bilen döredilen “TRT Awaz” teleýaýlymyny tanyşdyrylan wideofilm görkezildi. Bu ýaýlymda berilýän gepleşikler türki halklaryň arasyndaky medeni gatnaşyklary pugtalandyrmaga gönükdirilendir.

Soňra Türkmenistanyň möhüm hem-de şanly senelerine bagyşlanan “Türkmen akyldary Magtymguly” hem-de “Geljegiň şäheri Arkadag” atly gysga metražly filmler görkezildi.

Birinji filmde türkmen halkynyň akyldary, meşhur şahyry Magtymguly Pyragynyň türkmen hem-de türki halklarynyň durmuşyndaky orny açylyp görkezilýär. Onuň döredijiliginiň hem-de goşgularynyň türkmen hem-de dünýä halklaryny agzybirlige, jebislige hem-de özara hormat goýmaga çagyrýandygy bellenilip geçilýär.

Çäräniň ikinji böleginde “Geljegiň şäheri Arkadag” filmi görkezilip, bu filmde sebitiň ilkinji “akylly” şäheri bolan Arkadag şäheriniň döwrebap şähergurluşyk infrastrukturasy açylyp görkezilýär.

Dabarada çykyş eden Türkiýäniň döwlet teleradiokompaniýasynyň (TRT) Türkmenistandaky wekilhanasynyň wekili Ugur Sami Gezer öz çykyşynda: “TRT-niň Türkmenistandaky wekilhanasy hökmünde biziň wezipesi umumy taryhymyzyň sesini we umumy geljegimiziň dilini dünýä ýetirmekden ybaratdyr. Soňky döwürde Aşgabat şäheriniň ajaýyplyklaryndan başlap, Merw bilen Köneürgenjiň gadymy mirasyna, Nejmeddin Kübradan Garagumyň zähmet we öndürijilik taryhyna çenli dürli mazmunly işler taýýarladyk. Habar çeşmelerinden dokumental filme, jemgyýetçilik mediadan giň möçberli arhiw işlerine çenli bu önümçilikde maksadymyz Türkiýe bilen Türkmenistanyň arasyndaky doganlygynyň anyk ugurlaryny hemişelik ýatda galyjy dokumental filme öwürmek bolup durýar” diýip belledi.

“TRT Awaz” teleýaýlymynyň utgaşdyryjysy Ýüjel Kylyçkaýa bolsa öz çykyşynda: “TRT AWAZ hökmünde 16 ýyl bäri türki dünýäsiniň ses bolmaga çalyşýarys. Biziň maksadymyz diňe bir teleýaýlym bolmak däl; has uly wezipe hyzmat etmekdir: umumy medeniýetimizi, taryhymyzdan alýan ylhamymyzy we geljege bolan umumy arzuwlarymyzy ekranlara çykarmak” diýip belledi.

Ýüjel Kylyçkaýa TRT teleýaýlymy tarapyndan taýýarlan 2 sany möhüm gysga metražly filmleriň Türkmenistan bilen Türkiýäniň arasyndaky hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynda möhüm orun eýelejekdigine ynam bildirdi.

Türkiýäniň döwlet teleradiokompaniýasynyň (TRT) Türkmenistandaky wekilhanasy mundan ozal hem birnäçe gysga metražly filmleri taýýarlap, halk köpçüligine ýetirdi. Olaryň hatarynda “Aşgabat merjen şäher”, ýurdumyzyň gadymy mekanlary bolan Merw hem-de Köneörgenç barada hem gyzykly filmler taýýarlady.

# Marat HUSNULIN: Arkadag şäheri dünýä derejesindäki taslamadyr

Gurluşyk ösüşi pudagynda möhüm öňegidişlik gazanan Türkmenistanyň bu ugurda uly geljegi bar. Arkadag we Aşgabat şäherlerinde gurlan desgalaryň hili-de, möçberi-de hakyky hormata mynasypdyr. Bu barada Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-rus toparynyň mejlisinden soň Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň Başlygynyň orunbasary we Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara toparynyň ýolbaşçysy Marat Husnulin žurnalistlere gürrüň berdi.

M.Husnulin: «Wekilýetimiz täze «akylly» Arkadag şäherine baryp gördi. Munuň gysga wagtyň içinde durmuşa geçirilen dünýä derejesindäki taslamadygyny aýtmak isleýärin. Men 25 ýyl bäri şäher gurluşygy ugrunda işleýärin, şonuň üçin-de bu innowasion uly göwrümli meýilnamanyň durmuşa geçirilişi bilen hünär derejesinde tanyşmak meniň üçin gyzykly boldy» diýdi.



Russiýaly myhmanyň sözlerine görä, täze şäheriň ýaşaýyş jaýlary, ýörite ykdysady zolak, tehnologiýa seýilgähi we köp sanly okuw mekdepleri ýerleşýän bilim toplumy bilen sazlaşykly birleşdirilen ösüş ulgamy ony haýran galdyrypdyr. «Arkadag şäheri oýlanyşykly gurluşygyň we toplumlaýyn ösüşiň aýdyň mysalydyr» diýip, hökümetara toparyň başlygy belledi.

Şeýle hem M.Husnulin Russiýanyň häzirki wagtda sebitleýin ösüşi öz içine alýan «Ýaşaýyş üçin infrastruktura» milli taslamasyny durmuşa geçirýändigini, onuň çäginde ýerlerde hemmetaraplaýyn ösüşiň amala aşyrylýandygyny, şonuň üçin-de bu «akylly» şäheriň şunuň ýaly ösüş taslamasynyň rus tarapy üçin diýseň gyzyklydygyny aýtdy.

«Biz şäheriň infrastrukturasyny baş meýilnamalaşdyryş we «akylly» şäher tehnologiýalaryny ulanmak nukdaýnazaryndan gözden geçirdik. Bu ýerde «akylly» şäheriň ähli elementleri ornaşdyrylypdyr. Şeýle hem, gurluşyk ölçegleri, çagalar baglary we mekdepler bilen üpjünligi hem meýdançalaryň deňligi bilen tanyşdyk. Dünýäde tutýan meýdanynyň 45 göterimi bag-bakja bolan şäherleriň köp däldigini belläsim gelýär. Özi-de bu gök öwüsýän bag-bakjanyň emeli usulda döredilendigine düşünmek möhümdir, ýagny bu ýerde ozal hiç hili bag bolmandyr. Bu – gaty gyzykly tejribe. Elbetde, biz amaly taýdan durmuşa geçirmekde-de, okuwda-da tejribe alyşmaga taýyn» diýip, Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň Başlygynyň orunbasary sözüni jemledi.

# Türkmenistan bilen Russiýa sanly tehnologiýalar ulgamynda hyzmatdaşlygy pugtalandyrýar

Russiýa Federasiýasynyň Hökümet Başlygynyň orunbasary Dmitriý Grigorenkonyň ýolbaşçylygyndaky wekilýet ykdysadyýeti sanlylaşdyrmak we söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy giňeltmek meselelerini ara alyp maslahatlaşmak üçin Türkmenistana geldi.

Üç günlük saparyň dowamynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary M. Çakyýew we N. Atagulyýew bilen gepleşikler geçirildi. Taraplar döwlet hyzmatlary üçin bilelikdäki IT-platformalary döretmek we maglumat howpsuzlygy meseleleri boýunça pikir alyşdylar. Rus kompaniýalarynyň maglumat merkezlerini (data-center) gurmaga we ýurduň alysdaky sebitlerinde giň zolakly internet elýeterliligini ösdürmäge gatnaşmak mümkinçilikleri maslahatlaşyldy.



Dmitriý Grigorenko Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň rektory bilen duşuşdy, talyplar üçin açyk sapak we rus metbugat wekilleri üçin metbugat maslahatyny geçirdi. Ýaş hünärmenleri taýýarlamak we akademiki alyşmalar barada pikir alşyldy.

Saparyň netijesinde sanly özgertmeler ulgamynda özara düşünişmek hakynda Teswirnama gol çekildi, Russiýanyň Sanly ösüş ministrligi bilen Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrliginiň arasynda tejribe alyşmak meýilleşdirildi. 2025-nji ýylyň birinji ýarymynda iki ýurduň arasyndaky söwda dolanyşygy 1,2 milliard dollardan geçdi. Hemra aragatnaşygy üçin rus enjamlarynyň täze göni iberilişleri we telekommunikasiýa ulgamynda bilelikdäki ylmy taslamalar meýilleşdirildi.

Sanly ulgamda bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek barada-da ylalaşyk gazanyldy. Bu bolsa rus IT-kompaniýalary üçin Türkmenistanyň bazarynda täze mümkinçilikleri açýar.

# Gümrük amallaryny ýönekeýleşdirilmek boýunça ylalaşyga gol çekdi

**Aşgabat şäherinde Türkmenistanyň we Russiýa Federasiýasynyň arasyndaky Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça Hökümetara toparynyň 13-nji mejlisi geçirildi. Bu mejlisiň çäklerinde Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň başlygynyň orunbasary bilen Russiýanyň Federal gümrük gullugynyň başlygynyň orunbasary Sergeý Wladimirowiç Şklýaýewiň arasynda duşuşyk geçirildi.**

**Duşuşygyň dowamynda taraplar gümrük ulgamyndaky hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýyny we geljekki mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdylar. Taraplar gümrük amallarynyň sanlylaşdyrylmagy, hünärmenleriň alyşylmagy, kadr taýýarlygyny ösdürmek, şeýle hem Bütindünýä gümrük guramasy hem-de Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy ýaly halkara görnüşlerinde hyzmatdaşlyk meselelerine aýratyn üns berdiler. Hökümetara toparyň mejlisiniň netijeleri boýunça resminamalara gol çekmek dabarasy geçirildi.**



**Şol çäräniň çäklerinde Russiýanyň Federal gümrük gullugy bilen Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy arasynda Russiýa Federasiýasynyň we Türkmenistanyň arasynda harytlaryň we ulag serişdeleriniň geçirişinde gümrük amallaryny ýönekeýleşdirilen tertipde amala aşyrmak hakynda ("Ýönekeýleşdirilen gümrük geçelgesi") Ylalaşyga gol çekildi.**

# Bilim hyzmatdaşlygynyň ýol kartasyna gol çekildi

**Paýtagtymyzdaky Söwda-senagat edarasynda Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-rus toparynyň türkmen we rus tarapynyň ýolbaşçylarynyň duşuşygy hem-de Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-rus toparynyň 13-nji mejlisi geçirildi. Mejlise Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Nokerguly Atagulyýew bilen Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň Başlygynyň orunbasary Marat Husnullin ýolbaşçylyk etdiler.**



**Mejlise iki ýurduň degişli ministrlikleriniň we pudak edaralarynyň ýolbaşçylary, işewür we ylmy gurşawyň wekilleri gatnaşdylar. Ykdysadyýet, ulag, oba hojalygy, saglygy goraýyş, şeýle hem ylym we bilim ugurlary boýunça ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy.**

**Mejlisiň çäklerinde Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen Russiýa Federasiýasynyň Bilim ministrligi arasynda hyzmatdaşlygyň ýol kartasyna gol çekmek dabarasy geçirildi. Resminama umumy we orta hünär bilimi ulgamynda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga, mugallymçylyk tejribesini alyşmaga, sanly bilim gurşawyny ösdürmäge hem-de mugallymlaryň hünär derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilendir.**

# Türkmenistan bilen Russiýa täze ähtnamalara gol çekdi

Aşgabatda Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça Hökümetara türkmen-rus toparynyň 13-nji mejlisi geçirildi, bu ikitaraplaýyn gatnaşyklary pugtalandyrmakda möhüm waka boldy. Russiýanyň wekilýetine RF-niň Hökümetiniň Başlygynyň orunbasary Marat Husnullin ýolbaşçylyk etdi. Saparyň dowamynda ol Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow bilen duşuşyk geçirdi.

Maksatnamanyň esasy bölegi Türkmenistanda ilkinji "akylly" şäher bolan Arkadag şäheriniň şähergurluşyk konsepsiýasynyň rus wekilýeti tarapyndan öwrenilmegi boldy. Rus hünärmenleri gurluşyga bolan toplumlaýyn çemeleşmä we öňdebaryjy sanly tehnologiýalary şäher infrastrukturasynda ornaşdyrmagyň gerimine ýokary baha berdiler.

Saparyň medeni maksatnamasy-da örän baý boldy. Wekilýet Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda boldy, şol ýerde Marat Husnullin ahalteke atlarynyň ösdürip ýetişdirmegiň däplerine uly hormat goýulýandygyny nygtady.



"Galkynyş" toparyň Döwlet atçylyk sirkindäki çykyşy ýatda galyjy täsir galdyrdy. Mundan başga-da, myhmanlar birnäçe muzeýleriň we sergileriň, şol sanda Aşgabatda geçirilen serginiň çäklerindäki moda görkezilişiniň ekspozisiýalary bilen tanyşdylar.

Toparyň işiniň netijesinde, esasy ugurlarda hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmaga gönükdirilen ep-esli resminamalar toplumyna gol çekildi. Olaryň arasynda ýönekeýleşdirilen gümrük geçelgesi baradaky Ylalaşyk, akademiki alyşmalary we bilelikdäki ylmy maksatnamalary ösdürmegi göz öňünde tutýan bilim ulgamynda hyzmatdaşlyk boýunça Çäreler Meýilnamasy, birža işjeňliginde özara hereket etmek baradaky Ylalaşyklar we atçylyk pudagynda hyzmatdaşlyk boýunça birnäçe Ähtnamalar bar.

Gol çekilen resminamalar täze bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek üçin berk esas döredýär we Türkmenistan bilen Russiýanyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň strategiki häsiýetini tassyklaýar.

# Türkmenistanyň eksport harytlarynyň sergisi Kazanda geçiriler

Türkmenistan 2026-njy ýylyň ýanwar–fewral aýlarynda Kazanda işewürlik forumyny we eksport harytlarynyň sergisini guramakçy bolýar. Bu barada Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Nökerguly Atagulyýew türkmen-rus hökümetara ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça toparynyň mejlisinde aýtdy.

«Russiýanyň bazary biziň üçin ileri tutulýan ugurlaryň biridir, biz Russiýanyň bazaryna öz önümlerimizi eksport we import etmekde gyzyklanýarys. Hususy kompaniýalaryň rus hyzmatdaşlary bilen üstünlikli hyzmatdaşlygynyň ençeme mysaly bar, emma şeýle hyzmatdaşlygyň mümkinçilikleri has giňdir» diýip, türkmen tarapy belledi.

Ol iki ýurduň işewür toparlarynyň arasynda hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin işewür forumlaryny, duşuşyklary we delegasiýalaryň özara saparlaryny guramak ýaly çäreleriň geçirilmegine taýýarlygyny nygtady. «Biz Kazanda işewürlik forumyny we eksport harytlarynyň sergisini geçirmek barada ylalaşdyk. Muny indiki ýylyň ýanwar–fewral aýlarynda geçirmegi meýilleşdirýäris. Bu bize haryt dolanyşygyny ösdürmekde täze itergi berer» diýip, wise-premýer aýtdy.



Wise-premýeriň pikiriçe, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň biri saglygy goraýyş ulgamyndaky gatnaşykdyr. Bu ugurda lukmançylyk hünärmenleriniň taýýarlanylyşy we hünär derejesiniň ýokarlandyrylmagy, derman serişdeleri we waksinalary ulanmak boýunça tejribe alyşmak ýaly meseleler bar. «Rospotrebnadzor bilen Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň arasynda ylmy-barlag institutynyň binýadynda hyzmatdaşlyk ösdürilýär. Mundan başga-da, bedenterbiýe we sport, syýahatçylyk we beýleki ugurlarda hem uly mümkinçilikler bar» diýip, N. Atagulyýew belledi.

# Aziýa Kubogy-2027: Türkmenistan Şri-Lankany 2:1 hasabynda utdy

Türkmenistanyň futbol boýunça milli ýygyndysy Aziýa Kubogy-2027-niň saýlama tapgyrynda Şri-Lankanyň ýygyndy topary bilen duşuşdy. Arkadag şäheriniň 10 müň orunlyk «Arkadag» stadionynda geçirilen duşuşykda Türkmenistanyň ýygyndysy Şri-Lankanyň ýygyndysyny 2:1 hasabynda utup, möhüm 3 utugyň eýesi boldy.



Türkmenistanyň milli ýygyndysynyň ýer eýeleri hökmünde artykmaçylygy bilen duşuşygyň 52-nji minutynda Elman Tagaýew hem-de 57-nji Mekan Saparow ýurdumyza ýeňiş getiren gollary geçirdi.

Myhmançylykda çykyş edýän Şri-Lankanyň hem duşuşykdaky ýeke-täk goly 65-nji minutda milli ýygyndymyzyň futbolçysy Annagulyýewiň ýalňyşlygy bilen ýurdumyzyň milli ýygyndysynyň derwezesine gönükdi.

Türkmenistanyň ýygyndysy yklymyň bu abraýly ýaryşynyň saýlama tapgyrynda "D" toparça çykyş edýär. Şeýle hem bu toparçada Hytaý Taýpeýiniň, Tailandyň we Şri-Lankanyň ýygyndylary bar.

Türkmenistanyň ýygyndysy 9 utuk bilen toparçasynda öňdeligi eýeleýär.

Türkmenistanyň milli ýygyndy topary nobatdaky duşuşygynda öz meýdanynda Hytaý Taýpeýiniň milli ýygyndysyny kabul eder. Bu duşuşyk 18-nji noýabrda geçiriler.

Saýlama oýunlaryň çägindäki 6 toparçanyň ýeňijileri Saud Arabystanynda geçiriljek «Aziýa Kubogy – 2027-niň» jemleýji tapgyryna gatnaşmak üçin ýollanma alarlar.

# Futbol boýunça dünýä çempionaty üçin 1 milliondan gowrak bilet satyldy

Geljek ýylda geçiriljek futbol boýunça dünýä çempionatyna eýýäm 1 milliondan gowrak bilet satyldy diýip, "NBC News" habar neşiri habar berdi. ABŞ, Kanada we Meksika 11-nji iýun – 19-njy iýul aralygynda bu futbol çempionaty gurnaýar.

Häzirki wagtda 212 ýurtdan we sebitden janköýerler bilet satyn aldylar. Satyn alnan biletleriň sany boýunça ilkinji onluga şu ýurtlar girýär: Angliýa, Germaniýa, Braziliýa, Ispaniýa, Kolumbiýa, Argentina we Fransiýa.

Demirgazyk Amerikanyň 16 stadionynda geçiriljek 104 duşuşykda jemi takmynan 7,1 million orun tomaşaçylar bilen doldurylar.

Maglumatlara görä, iň arzan biletleriň bahasy 60 dollar bolup, olar azyndan 40 duşuşyk üçin elýeterli boldy. Şeýle-de bolsa, köp oýunlarda biletleriň bahasy has ýokarydy. ABŞ-nyň ýygyndysynyň Kaliforniýanyň Inglewood şäherindäki ilkinji oýny üçin biletleriň bahasy 560 dollardan 2735 dollara çenli üýtgeýärdi.

# DÜNÝÄ ÇEMPIONATYNA gatnaşjak 28 ýurt belli boldy

2026-njy ýylda geçiriljek futbol boýunça dünýä çempionatyna gatnaşmak hukugyna eýe bolýan ýurtlaryň sany yzygiderli köpleýär.

Häzirki wagtda dünýäniň iň iri sport ýaryşyna gatnaşmak üçin Aziýa, Ýewropa, Afrika, Amerika yklymlarynda saýlama tapgyrlary geçirilýär.

Soňky geçirilen duşuşyklaryň netijeleri boýunça Ýewropadan Angliýa, Aziýadan Katar bilen Saud Arabystany, Afrikadan bolsa, Günorta Afrika Respublikasy, Senegal we Şyrmaýy Kenar Respublikasy gatnaşmak hukugyna eýe boldy.




Angliýanyň milli ýygyndysy 17-nji gezek dünýä çempionatyna gatnaşýar. Dünýä çempionatyna gatnaşmakda Braziliýa rekordyň eýesidir. Braziliýanyň milli ýygyndysy 23 gezek dünýä çempionatyna gatnaşdy. Aziýa yklymyndan Saud Arabystany 7-nji gezek dünýä çempionatynda oýnar.

Dünýä çempionatyna gatnaşjak 48 ýurduň milli ýygyndysyndan 28-si belli boldy.

Geljek ýyl bu dünýä çempionaty ABŞ-da, Kanadada we Meksikada geçiriler.

# Messi ýetginjekleriň futbol ýaryşyny döredýär



Tekiz gezek "Altyn top" baýragynyň eýesi, Argentinanyň milli ýygyndysynyň dünýä çempiony Lionel Messi ýetginjekler toparlarynyň arasynda geçiriljek "Messi kubogy" atly ýaryşy döretdi. Bu barada ol öz "Instagram" sahypasynda habar berdi.

Ýaryş ABŞ-nyň Florida ştatynyň Maýami şäherinde 9–14-nji dekabr aralygynda geçiriler.

Futbolçynyň bellemegine görä, oňa Argentinanyň "Riwer Plate" we "Newell's Old Boys", Amerikanyň "Inter Maýami", Ispaniýanyň "Barcelona" we "Atletiko", Angliýanyň "Çelsi" we "Mançester Siti" hem-de Italiýanyň "Inter" toparlary gatnaşjakdygyny tassykladylar.

# KABO-WERDE ilkinji gezek dünýä çempionatyna gatnaşmaga hukuk gazandy

Kabo-Werdeniň ýygyndysy 2026-njy ýylyň futbol boýunça dünýä çempionatynyň saýlama tapgyrynda Eswatiniň toparyny 3:0 hasabynda ýeňip, dünýä çempionatynyň final bölegine çykmaga hukuk gazandy.



Kabo-Werdeniň ýygyndysy 10 oýundan soň 23 utuk bilen toparynda birinji orny eýeleýär. Bu Kabo-Werde ýygyndysynyň ilkinji gezek dünýä çempionatynda gatnaşýandygyny bellenýär.

Kabo-Werdeniň ýygyndysy dünýä çempionatyna gatnaşmaga hukuk gazanan 22-nji milli ýygyndy boldy. Mundan ozal, Meksika, ABŞ, Kanada (ähli – çempionaty guraýjy ýurtlar), şeýle hem Ýaponiýa, Eýran, Günorta Koreýa, Iordaniýa, Awstraliýa, Özbegistan, Täze Zelandiýa, Argentina, Ekwador, Braziliýa, Kolumbiýa, Urugwaý, Paragwaý, Marokko, Tunis, Müsür, Alžir we Gana ýygyndylary gatnaşmaga hukuk gazandy.

2026-njy ýylyň dünýä çempionatynda ilkinji gezek 48 ýygyndy çykyş eder. Ýaryş 11-nji iýundan 1-nji iýula çenli geçiriler.

# Ronaldo dünýäde iň köp hak alýan futbolçy boldy

Portugaliýaly hüjümçi Kristiano Ronaldo Saud Arabystanynyň "Al-Nasr" klubynyň futbolçysy, 2025-nji ýylda iň köp hak alýan futbolçy boldy. Bu barada "Forbes" neşiri habar berdi.

Neşiriň habaryna görä, 2025-nji ýylda Ronaldo 280 million dollar gazandy, şonuň 50 million dollary meýdança daşyndaky girdejilerden geldi.

Ikinji orny Argentinanyň "Inter Maýami" toparynyň hüjümçisi Lionel Messi eýeledi – onuň ýyllyk girdejisi 130 million dollar (60 million maşgala + 70 million meýdança daşyndaky girdeji). Üçünji ýerde bolsa Saud Arabystaniniň "Al-Ittihad" klubynyň fransuz hüjümçisi Karim Benzema – 104 million dollar (100 million + 4 million) bilen ýerleşdi.



**ILKINJI ONLUGA ŞEÝLE HEM ŞU FUTBOLÇYLAR GIRDI:**

- Ispaniýanyň "Real" klubynyň fransuz futbolçysy Kilian Mbappe (95; 70+25),
- Angliýanyň "Mançester Siti" klubynyň norweg hüjümçisi Erling Holand (80; 60+20),
- "Real" klubynyň braziliýaly oýunçysy Winisius (60; 40+20),
- Angliýanyň "Liwepnyл" klubynyň müsürli futbolçysy Mowammed Salah (55; 35+20),
- Ronaдlunyň topardaş senegally futbolçysy Sadio Mane (54; 50+4),
- "Real" klubynyň iňlis futbolçysy Jud Bellingem (44; 29+15),
- "Barselona" klubynyň ispan futbolçysy Lamin Ýamal (43; 33+10).